***Düýn, 7-nji oktýabrda Azerbaýjan Respublikasynyň Gabala şäherinde Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XII sammiti geçirildi. Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň başlyklygynda geçirilen sammite gurama agza we synçy ýurtlaryň döwlet hem-de hökümet Baştutanlary gatnaşdylar. Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow TDG-niň döwlet Baştutanlarynyň XII sammitine gatnaşmak üçin dostlukly ýurda iş saparyny amala aşyrdy.***

«Sebitleýin parahatçylyk we howpsuzlyk» mowzugynda guralan ýokary derejeli duşuşygyň gün tertibine türki dünýäniň ýurtlarynyň arasyndaky köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak, umumy taryha, medeni-ruhy däplere daýanyp, sebitde parahatçylygy we durnuklylygy, ykdysady ösüşi üpjün etmäge ýardam bermek bilen bagly meseleler girizildi. Sammitiň jemleri boýunça möhüm resminamalara gol çekildi.

Gahryman Arkadagymyzyň sammitdäki çykyşy türki döwletleriň umumy taryhyna, medeniýetine we ruhy mirasyna esaslanýan doganlyk gatnaşyklary has-da berkitmek bilen bagly pikir-garaýyşlary, teklipleri öz içine aldy. Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sammitde eden çykyşynda Türki Döwletleriň Guramasynyň baş maksadynyň türki döwletleriň arasynda agzybirligi, dost-doganlygy pugtalandyrmaga, sebitleýin we halkara derejede bilelikdäki tagallalarydyr hereketleri utgaşdyrmaga gönükdirilendigini belläp, dünýä jemgyýetçiliginiň ösüşiniň häzirki örän çylşyrymly döwründe ýurtlarymyzyň halkara giňişlikde utgaşykly hereket etmeginiň aýratyn ähmiýete eýedigine ünsi çekdi.

Ýeri gelende bellesek, 2009-njy ýylda döredilen Türki geňeşiň işi parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga, hyzmatdaşlygy, özara gatnaşyklary giňeltmäge, gurama agza ýurtlaryň mümkinçiliklerini ösdürmäge gönükdirilendir. 2021-nji ýylyň noýabrynda Türki dilli döwletleriň hyzmatdaşlyk geňeşiniň Stambulda geçirilen VIII sammitinde bu düzümiň ady «Türki Döwletleriň Guramasy» diýlip üýtgedildi. Azerbaýjan Respublikasy, Gazagystan Respublikasy, Gyrgyz Respublikasy, Türkiýe Respublikasy we Özbegistan Respublikasy onuň agzalary bolup durýar. Wengriýa Türki Döwletleriň Guramasynda synçy derejesine eýedir. 2021-nji ýylda bu dereje biziň ýurdumyza hem berildi.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026